***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň mekdebe çenli çagalar edaralarynda zähmet çekýän pedagogik işgärler hünär we tejribe babatda barha kämilleşýärler. Olaryň yhlasy we döredijilikli zähmeti netijesinde ýurdumyzyň körpe nesilleri mynasyp terbiýe alýarlar we mekdebe taýýarlanýarlar. Biziň Türkmengala etrabynyň 9-njy çagalar bakja-bagymyzyň terbiýeçisi Maýagözel Nurlyýewa hem körpe nesilleriň milli terbiýesini, sowatlylygyny üpjün etmekde halypa hökmünde tanalýar.***

Terbiýeçi zenan geçen okuw ýyllarynda öz terbiýeleýän çagalary bilen mekdebe çenli çagalar edaralarynyň arasynda geçirilýän dürli bäsleşiklerde etrap, welaýat derejesinde baýrakly orunlary eýeläp gelýär. Öz hünärini ussatlyk we kämillik ýoly bilen baýlaşdyrýan terbiýeçi täze okuw ýylyna hem üstünlikli girişdi. Bu okuw ýylynda Maýagözel Nurlyýewa ýaş terbiýeçilere — Maýa Halbaýewa hem-de Ýazgül Soltanowa halypaçylyk eder.

Ýeri gelende bellesek, her ýylyň  sentýabr aýynda ýurdumyz boýunça yglan edilýän «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň çäklerinde hem bu terbiýeçiniň zähmet çekýän toparynda okuw-terbiýeçilik işleri meýilnamalaýyn esasda alnyp barylýar. Çagalar ýol hereketiniň düzgünlerini öwretmekde sapaklarda we gün pursatlarynda köpugurly görkezme esbaplardan we sanlylaşdyrylan serişdelerden peýdalanylyp, bu babatda düşünjeler hil taýdan ýokary we mazmunly berilýär. Şunda terbiýeçi gyzyklanma çärelerini geçirýär, sahnalaşdyrylan oýunlaryň, çeper okaýyşlaryň üsti bilen öwrenilenleriň özleşdirilmegini gazanýar. Ol ata-eneler bilen söhbetdeşliklerde Diýarymyzyň ak ýollarynyň asudalygyny üpjün etmek, pyýadalaryň hereketini wagyz etmek işlerini hem işjeň alyp barýar. Şeýle-de halypa terbiýeçi öz toparynyň çagalary bilen alyp barýan işlerini has-da güýçlendirip her ýylda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň arasynda geçirilýän «Ýaşyl yşyk» atly ýol hereketiniň düzgünleri boýunça bäsleşige taýýarlykly barýar.

Ajaýyp zamanamyzda bagtyýar nesilleri belent watançylyk ruhunda terbiýelemekde, yhlasly zähmet çekmekde ähli mümkinçilikleri döredip berýän Alym Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza bilim-terbiýeçilik işgärleri hem-de ähli körpeler egsilmez alkyşlar aýdýarlar.

**Oguljeren MUHUKOWA,**
**Türkmengala etrabynyň 9-njy çagalar bakja-bagynyň terbiýeçi-usulyýetçisi.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026